**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**


THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 38 (121) 2025-nji ýylyň 18-nji fewraly


Syýasy habarlar

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY



12-nji fewralda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýetiniň Tährana amala aşyran saparynyň çäginde Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşykda türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýy we geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

14-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň ýanwar aýynda milli ykdysadyýetiň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, şeýle hem ýurdumyzyň durmuşyna degişli käbir beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

14-nji fewralda wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredow bilen Russiýa Federasiýasynyň daşary işler ministri S.Lawrowyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi.

Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn formatlarda, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çägindäki hyzmatdaşlyk bilen baglanyşykly meselelere garadylar.

* * *

14-nji fewralda Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar.

* * *

15-nji fewralda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda döredilen guramaçylyk döwlet toparynyň çäklerinde iş maslahatyny geçirdi. Onda paýtagtymyzda durky täzelenilýän Bitaraplyk binasy we onuň hojalyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

15-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Daşary işler ministrliginde BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, ugurdaş ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## FEBRUARY 18 – DAY OF DIPLOMATIC WORKERS OF TURKMENISTAN

In February 2009, our Hero Arkadag signed a decree establishing February 18 as the annual Day of Diplomatic Workers of Turkmenistan. The celebration of this date is a testament to the high regard for Turkmen diplomats and their noble work.

During the Revival of the New Epoch of a Powerful State, the bilateral and multilateral cooperation of Independent Turkmenistan with global states and international organizations has intensified, reaching new heights. One of the priority areas of our country's foreign policy is the development of science and education. In March of this year, it will be seventeen years since the establishment of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, a specialized higher educational institution founded on the initiative of our Hero Arkadag.

The paternal care of Hero Arkadag and Arkadagly Hero Serdar for future generations of the country's diplomatic corps is reflected in the excellent conditions created for the academic and professional development of the institute's professors, teachers, and students. Graduates of this prestigious institution serve in national state bodies, primarily at the central office of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, its regional departments, the country's diplomatic missions and consulates abroad, as well as in various sectors. Since 2013, at the



initiative of Hero Arkadag, the institute's students have undertaken internships at Turkmenistan's embassies and consulates in foreign countries.

The introduction of new specialties, the integration of advanced digital technologies, and the adoption of innovative teaching methods, along with academic exchanges with leading foreign universities, are commendable achievements of the institute.

On February 18, during the International Year of Peace and Trust, the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan hosted a traditional festive conference dedicated to the Day of Diplomatic Workers. Organized jointly with the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, this event has become a respected tradition. The conference was attended by representatives of the Mejlis of Turkmenistan, the National Center of Trade Unions of Turkmenistan, officials of the Ministry of Foreign Affairs, veteran diplomats, professors, graduate


*(The next at 2nd page).*

# FEBRUARY 18 – DAY OF DIPLOMATIC WORKERS OF TURKMENISTAN

*(The beginning at 1st page).*

students, and students of the Institute.

At the beginning of the event, the congratulatory message of the President of Turkmenistan, Serdar Berdimuhamedov, on the occasion of the professional holiday of diplomatic personnel, was read. The message emphasized that the foreign policy and diplomacy of the permanently Neutral state create significant opportunities in the international arena for the long-term implementation of national programs based on the principles of peace and trust.

During the festive event, the National Center of Trade Unions of Turkmenistan presented gifts to experienced diplomats and professors. Additionally, diplomas from the Ministry of Foreign Affairs were awarded to final-year students of the Institute of International Relations for their active contribution to the implementation of the country's foreign policy strategy.

The conference's impact was further enhanced by a concert and an exhibition, showcasing the diplomatic services of foreign countries and the representations of international organizations accredited in Ashgabat.

At the conclusion of the ceremony, the participants of the scientific conference adopted the Address to the Esteemed President, expressing their sincere gratitude for his unwavering attention to the development of Turkmenistan's diplomatic service and his tireless efforts to strengthen it further. They also extended their heartfelt appreciation to our esteemed President, and the National Leader of the Turkmen people, Hero Arkadag, whose visionary initiatives contribute to ensuring peace, security, and sustainable development in the region and the world.

***Bakyguly ORAZOV,***
***the 2nd year student of the Faculty of International Journalism.***














# СЛЕДУЯ ДИПЛОМАТИЧЕСКИМ СТАНДАРТАМ

*В нашей стране уделяется большое внимание укреплению международных связей, широкой популяризации нашей добрососедской и миролюбивой политики во всем мире, развитию многопланового сотрудничества с зарубежными странами. Большое значение придается также подготовке опытных специалистов в этой сфере. С этой целью в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана был создан специализированный учебный центр «Дипломатический протокол», решающий задачи в этой области.*

Специализированный учебный центр «Дипломатический протокол», созданный в рамках национальной школы туркменской дипломатии в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана 11 декабря 2023 года, был открыт в профессиональный праздник туркменских дипломатов. Торжественное открытие учебного центра стало своеобразным праздничным подарком от нашего уважаемого Президента сотрудникам, работающим в этой сфере. С того дня специализированный учебный центр, срок обучения в котором составляет 2 месяца, подготовил 4 потока слушателей и 3 февраля текущего года приступил к обучению 5 потока. Слушатели, которые посещали занятия по международному этикету и дипломатическому протоколу на предыдущих сессиях, также сообщают, что полученные ими знания дают хорошие результаты на международных мероприятиях и конференциях.

В настоящее время слушатели, изучая внешнюю политику и международные отношения Туркменистана, международное и национальное законодательство, касающееся дипломатических отношений, сказали, что дополнили свои знания такими новыми предметами, как «дипломатический этикет и международная вежливость». На этих курсах студенты учебного центра изучают широкий спектр тем: от нейтралитета и внешней политики Туркменистана, международных правовых документов, касающихся дипломатических отношений и консульской службы, основ нашего государственного протокола до правил поведения во время официальных приемов, этикета пользования столовыми приборами за столом.

«Дипломатический протокол и дипломатический этикет неразрывно связаны между собой. В обоих случаях действуют общепринятые правила и правила, созданные с учетом национальной специфики. Этикет также делится на такие типы, как английский этикет, китайский этикет и этикет арабских стран. Мы также обучаем студентов этим вещам. Полное и правильное соблюдение правил нашего дипломатического протокола и этикета необходимо не только дипломатам, но и каждому государственному должностному лицу, участвующему в переговорах и сотрудничестве на международном уровне. Правильное применение этих правил оказывает влияние на международные отношения. Вот почему мы также тщательно обучаем наших слушателей правилам протокола. Такие действия, как обращение друг к другу, знакомство, ведение беседы, обмен письмами и организация приемов, входят в число правил, которым должен следовать дипломатический представитель. В него также включены правила, касающиеся одежды представителя.




В настоящее время Туркменистан поддерживает дипломатические отношения со многими странами мира. Наши учреждения, предприятия и министерства участвуют в этих отношениях и регулярно встречаются со своими зарубежными коллегами. Подобные встречи также имеют свой протокол и правила этикета.

Наша конечная цель – подготовить специалистов, которые смогут проводить эти мероприятия на основе принятых на международном уровне стандартов» – говорит профессор кафедры международных отношений и дипломатии Института международных отношений МИД Туркменистана, доктор социологических наук Овездурды Мухамметбердиев.

В год широкого празднования знаменательного 30-летия нашего Нейтралитета исполняется два года со дня открытия этого специализированного учебного центра. Нет сомнений в том, что этот учебный центр, который за прошедший период обеспечил прекрасную подготовку многочисленных слушателей, продолжит добиваться значительных успехов в будущем. Искренне поздравляем преподавателей специализированного учебного центра «Дипломатический протокол» и туркменских дипломатов с наступающим Днем дипломатических работников Туркменистана.

***Аджайып НОБАТОВА,***
***студентка IV курса факультета международной журналистики.***

*Недавно в Душанбе состоялась встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Таджикистан Аймырата Гочмурадова с Чрезвычайным и Полномочным Послом Исламской Республики Пакистан в Республике Таджикистан Мохаммадом Саидом Сарваром.*

# TÜRKMENISTANYŇ MILLI BÄHBITLERI ÜÇIN AÝRATYN ÄHMIÝETI BOLAN WAKA-ÝATLAMALAR BARADA

*Amangeldi RAHMANOW,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*





Diplomatlarymyz, aýratyn hem, türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde okaýan geljekki diplomatlarymyz menden ýygy-ýygydan ýurdumyzyň milli bähbitleri üçin aýratyn ähmiýeti bolan, özümi hem örän tolgundyran we guwandyran, diplomatik durmuşda günde-günaşa bolup durmaýan waka-ýatlamalarym barada gürrüň bermegimi ýygy-ýygydan soraýarlar. Ykbalym maňa diplomatiýada geçmişden geljege tarap uzak, döredijilikli ýoly geçmäge mümkinçilik berensoň, şeýle ýatlamalar hakykatdan hem ýeterlik boldy we şu ýerde şolaryň käbirleriniň üstünde gysgaça durup geçmekçi.

Başda meniň üçin örän seýrek bolup görnen, soňra bolsa adaty waka öwrülen şeýle waka-ýatlamalarymyň ilkinjisi geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ortasynda Türkmenistan SSR-niň Daşary işler ministrliginde ýeke-täk aýlykly ýolbaşçy wezipe bolan Baş sekretaryň borçlaryny ýerine ýetirip başlamagym bilen bagly boldy. Has takygy, 1944-nji ýylda döredilen TSSR-iň DIM-i käbir sebäplere görä, turuwbaşdan we soňky ençeme onýyllyklaryň dowamynda hereketsiz, «ady bar-da özi ýok» ministrlik boldy. Şeýle şertlerde ministrligiň maksada okgunly işini ýola goýmak üçin ministrligiň Baş sekretary hökmünde 1917-nji ýyldan 1970-nji ýyllaryň ortalaryna çenli federal döwlet (SSSR) tarapyndan Türkmenistana daşary syýasy çäkde berlen hukuklary çuňňur öwrenmeli, onuň esasynda bolsa TSSR-iň DIM-niň işiniň anyk ugurlaryny ilkinji bolup ylmy esasda kesgitlemeli boldum.

Jemläp aýtsam, şol döwürde respublikamyzda degişli halkara meselelerini maslahatlaşar ýaly tejribeli hünärmeniň bolmandygyna garamazdan, meniň öňümde ör-boýuna galan şol örän möhüm we çylşyrymly wezipeleri üstünlikli çözmek, soňra bolsa ministrligimiziň diplomatik işini döwrüň talabyna laýyklykda ýola goýmak we ösdürmek, onuň netijeliligini yzygiderli ýokarlandyrmak, 80-nji ýyllarda bolsa Sowet Soýuzynyň düzüminde bolan soýuz respublikalaryň DIM-niň arasynda respublikamyzyň diplomatik gullugynyň işini öňdebaryjy orunlara çykarmak başartdy. Halkymyzyň ýokary bähbitleri bilen gönüden-göni bagly bolan şol ýokary jogapkärçilikli, çensiz kyn wezipeleri amal etmeklik, elbetde, Baş sekretar hökmünde menden esli wagtyň dowamynda ägirt uly akyl we beden güýjüni, ýokary derejede dürli taýýarlygy talap etdi.

Ýene-de bir mysal. 1992-nji ýylyň martynda Türkmenistanyň BMG-niň agzalygyna kabul edilmegi bilen baglylykda, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Nyýazow BMG-niň BA-nyň 46-njy sessiýasyna gatnaşmak üçin özüniň ýörite wekiliýetini ýollady. Ýaş türkmen diplomatiýasy üçin iň jogapkärli bolan şol döwürde döwletimiziň wekiliýetine ýolbaşçylyk etmek ýaly ýokary jogapkärçilikli tabşyrygyň hut maňa ynanylmagy we ony üstünlikli ýerine ýetirenim üçin Prezidentimiziň minnetdarlygyna eýe bolmagym — bularyň ählisi adatdan daşary şatlyk we Watanymyza bolan çäksiz buýsanç duýgusyny döretdi.

Sözümiň soňunda, şeýle mysala ýüzlenmek hem gyzykly bolsa gerek. 2013-nji ýylyň 13—16-njy martynda TDIM-niň HGI-niň çäginde «Beýik Ýüpek ýolunyň ugrundaky diplomatiýa: taryhdan geljege» atly halkara ylmy maslahat geçirildi we onuň işine onlarça ýurtlaryň diplomatlary, alymlary, daşary ýurt döwletleriň, halkara guramalaryň Türkmenistanda ýerleşýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow Türkmenistanyň Prezidentiniň maslahata gatnaşyjylara ýollan Gutlagyny okandan soň, ilkinji bolup münberde çykyş etmek meniň paýyma düşdi.

Türkmenistanyň daşary syýasatyna bagyşlap iňlis dilinde eden çykyşymy tamamlanymdan soň, institutymyzyň 500 adamlyk mejlisler zalynda meniň asla garaşmadyk wakam bolup geçdi: tutuş zalda örän güýçli el çarpyşmalar başlandy, maslahatyň Prezidiumynda oturan BMG-niň, Russiýa Federasiýasynyň, Hytaýyň, Angliýanyň, Türkiýäniň wekilleri bolsa, oturan ýerlerinden ör turmak we meniň elimi gyzgyn gysmak bilen, meni, olaryň aýtmaklaryna görä, «örän täsir galdyryjy çykyşym bilen» gutladylar.

Maslahatda menden soň ikinji bolup çykyş eden iňlis professory Şirin Akiner hem öz çykyşynyň köp bölegini, näme üçindir, meniň diplomatik we ylmy işime bagyşlady.

Meniň üçin adaty iş bolan we maslahata gatnaşyjylarda güýçli täsir galdyran bu çykyşymdan meniň özüm hem lezzet aldym, onuň diňleýjileri tolgundyryp bilen ýokary hiline özüm hem guwandym.

Şunlukda, ýokarda getiren käbir waka-ýatlamalarym diplomatyň, halkaraçy-alymyň köptaraplaýyn başarnygynyň (ussatlygynyň) dürli görnüşlerde ýokary derejede ýüze çykmagynyň, onuň döredijilikli zähmetiniň añrybaş netijeleriniň mysaly bolup durýar we bu ýagdaý diplomata añrybaş lezzet berýär, onuň daşary syýasy, diplomatik işiniň netijeliliginiň hemişe ýokarlanmagyna oňaýly täsir edýär, öz ýurdunda-da, halkara giňişliginde-de onuň halkynyň, Watanynyň abraýyna abraý goşýar.

# Из истории профессионального праздника...

История дипломатической службы уходит корнями в глубокое прошлое. Первые зачатки дипломатии можно встретить еще в таких древних цивилизациях, как Египет, Греция и Рим. Однако, в современном понимании дипломатическая служба начала формироваться в Средние века, когда появились постоянные представительства государств за рубежом.

В Европе становление дипломатической службы связано с развитием национальных государств в XVI-XVII веках. Именно тогда были созданы первые министерства иностранных дел и сформировался институт профессиональных дипломатов.

День работников дипломатической службы — это профессиональный праздник, который отмечается в разных странах в разные даты. В большинстве стран этот праздник приурочен к каким-то историческим событиям, связанным с развитием дипломатической службы этой страны.

В марте 1992 года Туркменистан, став полноправным членом ООН и других международных организаций и структур, начал дипломатическую деятельность, в связи с этим с февраля 2009 года наша страна стала широко отмечать профессиональный праздник работников дипломатической службы. В других странах мира День дипломатической службы также имеет свою историю и традиции. Например, в США этот праздник отмечается 26 апреля, в Китае — 18 июля, в Великобритании — в октябре. В России День дипломатического работника отмечается 10 февраля. Эта дата связана с первым упоминанием о Посольском приказе — первом внешнеполитическом ведомстве России, которое было создано в 1549 году.



Современная дипломатия сталкивается с рядом новых вызовов и проблем, включая глобализацию, изменение климата, миграцию, киберугрозы и международную безопасность. Дипломаты сегодня должны быть подготовлены к работе в быстро меняющемся мире, где роль технологий и информации возрастает. В этом контексте важнейшими задачами дипломатической службы становятся эффективное использование цифровых технологий, организация многослойных и многосторонних переговоров.

День работников дипломатической службы важен не только как профессиональный праздник, но и как способ выразить признание и благодарность тем, кто трудится на благо своей страны в международных отношениях. Этот праздник помогает общественности осознать значение дипломатии и роль, которую дипломаты играют в обеспечении мира и стабильности на планете.

Профессия дипломата требует не только профессионализма, но и преданности делу, терпения, дипломатичности и умения находить решения в сложных ситуациях. Праздник служит выражением благодарности и уважения ко всем тем, кто стоит на передовой в области внешней политики, представляя интересы своих государств на международной арене.

***Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,***
студентка II курса факультета международной журналистики.

*2025-nji ýylyň 13-14-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni» mynasybetli talyplaryň arasynda sportuň küşt, şaşka, stoluň üstünde oýnalýan tennis görnüşleri boýunça ýaryş geçirildi.*

# DIPLOMATIÝA — HEM YLYM, HEM SUNGAT

**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi, «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanynyň eýesi, halypa diplomat Sapar Berdiniýazow bilen söhbetdeş bolup, okyjylarymyza ýetirmegi makul bildik. Halypa ilçiniň ömrüniň ýarym asyrdan gowrak döwrüni diplomatik wezipelerde işlemek, bu ugurda Watanymyza, halkymyza ak ýürekden hyzmat etmek bilen geçiren döredijilikli zähmet ýoly halkaraçy hünärmenler üçin hakyky nusgalyk ýoldur.**

**— Sapar Kömekowiç, Sizi hünär baýramyňyz — Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!**

— Köp sag boluň! Türkmenistan özüniň üstünlikli durmuşa geçirýän daşary syýasatynda «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesini, «Dialog — parahatçylygyň kepili» diýen filosofiýany öňe sürýär. Bu ýörelgeler türkmen diplomatlarynyň hem baş çelgisidir. Şoňa görä-de, ýurdumyzda diplomatik işgärleriň gününiň bellenilmegi diplomatlara goýulýan hormat-sarpanyň aýdyň nyşanydyr.

**— Siziň pikiriňizçe, hakyky diplomat nähili bolmaly?**

— Giň aň-düşünjeli, pikirleri aýdyň, Watana wepaly, ýokary medeniýetli adam hakyky diplomat bolup biler. Diplomatiýa iňňän jogapkärli hünär bolup, döwletiň daşary syýasatyny durmuşa geçirmegiň guraly hasaplanýar. Ol köptaraplaýyn iş. Diplomatiýa hem ylym, hem sungat. Öz borçlaryňy wagtynda ak ýüreklilik bilen ýerine ýetirmek hem-de her bir işe döredijilikli çemeleşmek ilçiniň ussatlygyny kesgitleýär. Diplomat boljak bolsaň, köp kitap okamaly.

***— Diýmek, diplomatiýa hem döredijilik işi-dä?!***

— Elbetde. Islendik işe döredijilikli çemeleşseň, garaşanyňdan hem gowy netije alyp bolar. Meşhur diplomatlaryň biriniň sözüni ýatlasym gelýär: «Ilçiniň iki sany güýçli «eli» bolmaly. Birisi daşary ýurt dillerini bilmegi bolsa, ikinjisi öz döwletiniň bähbitlerini goramaga bolan yhlasy, höwesi. Bu ikisini dolandyrmaga örän ýiti akyl gerek».

***— Eýsem, siz nähili kitaplary okaýarsyňyz?***

— Taryh, diplomatiýa, syýasat hakyndaky kitaplary heniz talypkam okap başlapdym. Iňlis, rus, pars dillerini hem uniwersitetde öwrendim. Edebiýatyň bolsa üç şahasyny gowy görýärdim: türkmen, rus we gyrgyz edebiýaty. Urdu we puştu dillerini hem ýeterlik derejede öwrenmegim bu dillerdäki edebiýatlar bilen içgin tanyşmaga mümkinçilik berdi.

***— Sapar Kömekowiç, diplomatik zähmet ýoluňyzyň ep-esli bölegi «Pakistan sahypalaryndan» ybarat. Şunda türkmen-pakistan hyzmatdaşlygyna nähili baha berýärsiňiz?!***

— Aýratyn tabşyryklar boýunça ilçi bolup işlänimde Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň möhüm meselelerine, türkmen-pakistan hyzmatdaşlygyna bagyşlanan birnäçe makalalarym bilen ýerli we daşary ýurt žurnallarynda, forumlarda çykyş etdim. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesi ikitaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmekde hemişe berk binýat bolmagynda galýar. Pakistan tarapy bilen geçirilýän gepleşiklerde hyzmatdaşlygyň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlary aýratyn orun tutýar.

***— Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisi barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?!***

— Bu diňe bir türkmen-pakistan hyzmatdaşlygynda däl, eýsem, halkara ähmiýetli gaty uly taslama. Sebitiň döwletleriniň we halklarynyň arasynda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen giň möçberli bu taslama türkmen gazyny Gündogara akdyrmakda möhüm başlangyç boldy. Taslamanyň amala aşyrylmagy üçin Birleşen Milletler Guramasynyň wekilleri bilen yzygiderli gepleşikler geçirildi. 2024-nji ýylyň sentýabrynda bolsa Milli Liderimiziň gatnaşmagynda taslamanyň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşyk işlerine badalga berildi.





***— Geljekki diplomatlara berjek maslahatlaryňyz?***

— Köp okamaly. Ýaşlar diplomatiýa ylmynyň daşyndan, ilkinji nobatda, daşary ýurt dillerini kämil derejede bilmeli, öz ýurduňyň habarlaryny içgin bilşi, öwrenişi ýaly, daşary ýurt habarlaryndan-da elmydama habarly bolmaly. Bulardan başga-da, beýleki döwletleriň taryhyny, medeniýetini, edebiýatyny bilmelidirler, çünki şu zatlaryň ählisi diplomatiýanyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

***— Sapar Kömekowiç, beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň! Goý, Watana hyzmat etmek bagty Size uzak-uzak ýyllar miýesser etsin!***

— Sag boluň! Pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzy hem-de hormatly Prezidentimizi, türkmen diplomatlaryny Türkmenistanyň diplomatik işgäreriniň güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**REDAKSIÝADAN:** *Sapar Berdiniýazow 1965-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetini filolog, iňlis dili mugallymy hünäri boýunça tamamlap, 1977-nji ýyla çenli «Luç» ylmy-barlag institutynda işleýär. SSSR-niň Pakistan Yslam Respublikasyndaky (Karaçi şäheri) Baş konsullygynyň attaşesi bolup işe başlandan soň, onuň ömür ýoly tutuşlygyna diplomatiýa örklenýär. Ol Daşary işler ministrliginde dürli wezipelerde zähmet çekip, 1995-nji ýylda Türkmenistanyň Pakistan Yslam Respublikasyndaky (Yslamabat şäheri) ilkinji Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi bolýar. Hut şu wezipede 17,5 ýyl işleýär. Sapar Berdiniýazow dürli ýyllarda «Watana bolan söýgüsi üçin», «Gaýrat», «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 20 ýyllygyna», «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna», «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygyna» medallary hem-de «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin», «Altyn asyr» III derejeli ordenleri bilen sylaglandy.*

*Söhbetdeş bolan Atamyrat* ***ÝAZWELIÝEW,***
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.

## Kämil diplomatlara

*Dogan edýär barça ýakyny-ýady,*
*Alkyş aýdýas kämil diplomatlara!*
*Hak işiň ugrunda gowşamaz bady,*
*Alkyş aýdýas kämil diplomatlara!*

*Dil bilen dünýäni dogan eýleýär,*
*Maksady päk, çyn ýürekden söýleýär,*
*Ýurdy söýüp, il bähbidin saýlaýan,*
*Şöhrat bolsun kämil diplomatlara!*

*Ýollary ak, baran ýeri abadan,*
*Diýer: «Agzybirlik ähli aladam»,*
*Köňüllere güller eker ýaňadan,*
*Şöhrat bolsun kämil diplomatlara!*



*Ýodalar uzalyp öwrülýär ýola,*
*Onsoň il abadan meýdanlar läle.*
*Şeýdip dünýä gelýär iň ajap hala*
*Şöhrat bolsun kämil diplomatlara!*

*Kynçylyga, müşgil işlere bakman,*
*Şirin kelam bilen köňle gül ekýän.*
*Şeýdip iň bir beýik maksada ýetýän,*
*Şöhrat bolsun kämil diplomatlara!*

*Asmanda parladyp ýaşyl Tugumy,*
*Gülledýäris şeýdip dostluk bagyny,*
*Diýýäs size diläp bagtyň agyny,*
*Şöhrat bolsun kämil diplomatlara!*

***Aýnur HUDAÝBERGENOWA,***
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.

*2025-nji ýylyň 15-nji fewralynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Sport diplomatiýasy parahatçylygyň dialogydyr» atly dabaraly maslahat geçirildi.*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
Täzegül KULJIKOWA

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* B.Garaýew.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Kaşaňow.
*Bölüm müdiri:* J.Öwezowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Ý.Hallyýew.
*Korrektorlar:* A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com